# Merkezi Aziýada Kanunyň Hökmürowanlygy Maksatnamasy 2020-2024

Umumy kanuny giňişlik

Adam hukuklarynyň goralmagyny güýçlendirmek

Ykdysady jenaýatçylyga garşy göreşmek

Institusional goldaw


Ýewropa Bileleşigi tarapyndan bilelikde maliýeleşdirilýär

ÝEWROPA BILELEŞIGI

COUNCIL OF EUROPE

CONSEIL DE L'EUROPE

Ýewropa Geňeşi tarapyndan bilelikde maliýeleşdirilýär we durmuşa geçirilýär



Merkezi Aziýada Kanunyň Hökmürowanlygy Maksatnamasy (2020-2024*), Ýewropa Geňeşiniň we Ýewropa Bileleşiginiň umumy gymmatlyklar we umumy maksatlar esasynda özara hyzmatdaşlygynyň başlangyjydyr. Maksatnama Merkezi Aziýanyň, Ýewropa Geňeşiniň goňşy sebitler bilen baglanyşykly syýasatyna laýyklykda, hyzmatdaşlyk şertlerini üpjün etmek we Ýewropa Geňeşiniň tejribelerinden peýdalanmak isleýän ähli döwletleri üçin açykdyr. Şeýlede, Maksatnama Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa babatyndaky syýasatyna laýyk gelýär. Maksatnama talap bildirme çemeleşigi esasynda, Ýewropa we beýleki halkara standartlara laýyklykda adam hukuklaryny, kanunyň hökmürowanlygyny we demokratiýany güýçlendirmek arkaly raýatlaryň durmuşyny gowulaşdyrmagyna gönükldirilendir.

Maksatnama üç sany esasy ädimden ybarat:

- 1. Ýewropa bilen Merkezi Aziýanyň arasynda Umumy kanuny giňişligini döretmegi ýeňilleşdirmek we Adam hukuklarynyň goralmagyny güýçlendirmek;
- 2. Ykdysady jenaýatçylyga garşy göreşi we aç-açanlygy ýokarlandyrmak;
- 3. Döwlet edaralarynyň we döwlet dolandyrylyş edaralarynyň netijeli işleýişini ýokarlandyrmak.

* Maksatnamanyň möhleti 2024-nji ýylyň Iýun aýyna çenli uzadyldy.

## BIZIŇ ÝETMÄGE ÇALYŞÝAN MAKSATLARYMYZ:

- Ýewropa bilen Merkezi Aziýanyň arasynda sebitleýin Umumy Kanuny giňişligini ösdürmek we giňeltmek, Merkezi Aziýada HELP (hukukçy hünärmenler üçin adam hukuklary boýunça okuw) maksatnamasyny ýaýratmak arkaly adam hukuklarynyň goralmagyny güýçlendirmek;
- Merkezi Aziýa döwletlerinde telekeçileriň hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmek we administratiw päsgelçilikleri azaltmak, iş bitewiligi we hususy pudaga uýgunlaşmagy artdyrmak;
- Merkezi Aziýa döwletlerinde aktiwleri dikeltmek ulgamlarynyň, korrupsiýa garşy göreşiň we bikanun pul ýuwmaga garşy göreşiň täsirini artdyrmak;
- Kazyýetde, döwlet edaralarynda we milli kanun ulgamlarynda özgertmeleri amala aşyrmak üçin milli hyzmatdaşlary işjeňleşdirmek.

### Merkezi Aziýada Kanunyň Hökmürowanlygy Maksatnamasyna gysgaça bakyş

Maksatnama umumylykda jemi €8 889 000 Ýewro (90% göterimi Ýewropa Bileleşigi, 10% göterimi Ýewropa Geňeşi tarapyndan maliýeleşdirildi) býudjet bilen, Ýewropa Geňeşi tarapyndan dört ýylyň dowamynda amala aşyrylýar;

Geografiki möhüm sebit ölçegi çäklerine giryän döwletler: Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan we Özbegistan;

Merkezi Aziýada Kanunyň Hökmürowanlygy Maksatnamasynyň amala aşyryş gollanmasy, milli guramalaryň wekilliklerinden ybarat bolan, sebitleýin we ikitaraplaýyn dolandyryş komitetleri, Ýewropa Geňeşi we Ýewropa Bileleşigi tarapyndan kepillendirildi.

## BIZIŇ IŞLEÝŞIMIZ:

- Ýewropa Geňeşiniň esasy konwensiýalary barasynda habarlylygy ýokarlandyrmak, konwensiýa ulgamyna dogry düşünmegi artdyrmak, kabul edilen konwensiýalary we beýleki halkara standartlary netijeli durmuşa geçirmek;
- Merkezi Aziýada sebitleýin gepleşikleri ösdürmek, sebitleýin aragatnaşyk mehanizmlerine goldaw bermek we öňdebaryjy tejribäni paýlaşmak;
- Degişli ýurtlarda edara mümkinçiliklerini artdyrmak, hukuk we syýasat gurluşlaryny ösdürmek boýunça tejribe bermek;
- Merkezi Aziýa döwletleri tarapyndan amala aşyrylýan özgertmelere goşmaça tejribe, mümkinçilikleri ýokarlandyrmak we beýleki tehniki kömek görnüşlerini hödürlemek.



## ÖZBOLUŞLY ÇEMELEŞME

### Sebitleýin gerimde hyzmatdaşlyk

Maksatnama, ýurt aýratynlyklary we sebitara gatyşmalar arasyndaky kemsiz deňagramlylyk arkaly, umumy sebitleýin päsgelçilikleri has täsirli, ylalaşylan görnüşde çözmäge, şol bir wagtyň özünde-de, degişli ýurtlaryň aýratyn zerurlyklaryna netijeli jogap bermäge mümkinçilik berýär.

### Talap esasynda hyzmatdaşlyk

Maksatnama, degişli milli hyzmatdaşlaryň zerurlyklaryna görä çeýelige rugsat bermek bilen, bildirilýän talaba esaslanýar. Maksatnamanyň çärelerini geçirmek, goldawyň iň zerur we has gowy netijeler berjek ýerlerinde sazlanandygyna göz ýetirmek üçin degişli edaralar bilen maslahatlar geçirilýär.

### Eýeçilik

Maksatnamanyň eýeçiligi we onuň netijeleri, hyzmatdaşlaryň Maksatnamany düzmekde we amala aşyrmakda, işjeň we üznüksiz gatnaşmagy bilen üpjün edilýär. Beýleki düşünjeler bilen bir hatarda, ýerli eýeçilik, netijeleriň dowamlylygyna we hyzmatdaşlar tarapynda Maksatnamanyň berk ygrarly bolmagyna goşant goşýar.

### Kesişýän meseleler

Maksatnamanyň ähli çäreleri, Ýewropa Geňeşiniň jynsy taýdan deňlik strategiýasyna laýyklykda we kemsitmezlik, deňlik we gurşawly gatnaşmak, ejiz toparlara we azlyklara ünsi jemlemek ýaly hyzmatdaşlyk taslamalary üçin gerekli jyns akymynyň gurallary esasynda, jynsy taýdan deňligiň korporatiw ýörelgeleri we adam hukuklarynyň ymtylmasy arkaly alnyp barylýar. Raýat jemgyýetçilik guramalary bilen hyzmatdaşlyk, Ýewropa Geňeşiniň raýat jemgyýetçilik guramalarynyň Hyzmatdaşlyk boýunça Ýewropa Geňeşeiniň işine gatnaşmagy boýunça gollanmasyna laýyklykda üpjün edilýär.





## Ýewropa Geňeşiniň Strategiki Üçburçlygy

Ýewropa Geňeşiniň tehniki kömek taslamalary, standarty kesgitlemek, gözlemek we hyzmatdaşlyk ýaly özbloușly strategiki üçburçlugyň aýrylmaz bölegini emele getirýär; Kanun taýdan berkidilen standartlaryň ösdürilmegi, olaryň özbaşdak mehanizmler arkaly gözlegi bilen baglanyşdyryldy we durmuşa geçirilmegini ýeňilleşdirmek üçin tehniki hyzmatdaşlyk bilen güýçlendirildi. Merkezi Aziýa ýurtlaryndan Ýewropa Geňeşiniň agzasy bolmaýan döwletler, degişli konwensiýalar bilen şertnama baglaşýança gözegçilik mehanizmlerini ulanmazlar. Ýewropa Geňeşiniň tejribe ugry boýunça çäreleri ösdürildi we durmuşa geçirildi, baha berildi, şol sanda guramanyň ähli zerur tejribesi, tanalýan halkara hünärmenler tarapyndan üpjün edildi.



## HABARLAŞMAK ÜÇIN

**Merkezi Aziýada Kanunyň Hökmürowanlygy Maksatnamasy Hyzmatdaşlyk Topary**
**Maksatnamalary utgaşdyryjy Müdiriýet**
**Ýewropa Geňeşi**
**Avenue de l'Europe F-67075 Strasbourg Cedex, France**

**E-poçta: central.asia.programme@coe.int**

**@CentralAsia.RuleofLaw**

WEB SAHYPA
**http://central-asia-eu.coe.int/**


PREMS 152123 – Photos : Shutterstock

TURKMEN

Ýewropa Bileleşigine agza döwletler özleriniň ussatlyklaryny, mümkinçiliklerini we ykballaryny birleşdirmek kararyna geldiler. Olar bilelikde medeni dürlüligi, şahsy azatlygy we hoşgörmegi saklamak bilen bilelikde durnuklylyk, demokratiýa we durnukly ösüş zolagyny gurdylar. Ýewropa Bileleşigi gazanan üstünliklerini we gymmatlyklaryny serhet çäginden daşarky ýurtlar we halklar bilen paýlaşmagy maksat edinýär.

**www.europa.eu**

Ýewropa Geňeşi öz kontinentiniň adam hukuklary boýunça öňde baryjy guramasydyr. Ol Ýewropa Bileleşiginiň ähli agzalaryny goşmak bilen 46 agza döwletden ybarat. Ýewropa Geňeşine agza ähli ýurtlar adam hukuklaryny, demokratiýany we kanunyň dolandyrylyşyny goramak üçin döredilen adam hukuklary baradaky Ýewropa konwensiýasyna gol çekdiler. Ýewropanyň adam hukuklary boýunça Kazyýeti konwensiýanyň agza ýurtlarda alnyp barlyşyna gözegçilik edýär.

**www.coe.int**


Ýewropa Bileleşigi tarapyndan bilelikde maliýeleşdirilýär

ÝEWROPA BILELEŞIGI

COUNCIL OF EUROPE

CONSEIL DE L'EUROPE

Ýewropa Geňeşi tarapyndan bilelikde maliýeleşdirilýär we durmuşa geçirilýär